**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan**
**2015-nji ýylyň 3-nji fewralynda**
**835 san bilen bellige alyndy**

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň**
**2015-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran**
**33-iş belgili buýrugy**

## Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň Müdiriyetiniň Başlygynyň 2012-nji yylyň 13-nji awgustynda çykaran 219-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Ätiyaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysyny hasaplamagyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynda olary deponirlemegiň tertibi hakynda Gollanma üytgetmeler girizmek barada

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasyna laýyklykda, Ätiýaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysyny hasaplamagyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynda olary deponirlemegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, buýurýaryn:

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriyetiniň Başlygynyň 2012-nji yylyň 13-nji awgustynda çykaran 219-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji yylyň 23-nji awgustynda 662 san bilen bellige alnan, Ätiyaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysyny hasaplamagyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynda olary deponirlemegiň tertibi hakynda Gollanma şu üytgetmeleri girizmeli:

3-nji bölüminiň üçünji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«Karz edaralary milli we daşary ýurt pulunda çekilen serişdelerden degişli hasaplarda zerur bolan serişdeleriň deponirlenmegini üpjün etmeli;

4-nji bölüminiň 1-nji sözlemini şu görnüşde beýan etmeli:

«Karz edaralaryň deponirlenmäge degişli ätiýaçlyk talaplarynyň kadalaşdyryjysynyň möçberi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriyeti tarapyndan kabul edilen çözgüde laýyklykda bellenilýär»;

Gollanmanyň 1-nji we 2-nji goşundysynda 2-nji sütüni aýyrmaly.

II. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Karz amallar, Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty, Bank gözegçiligi müdirlikleriniň başlyklarynyň üstüne yüklemeli.